# Säher ýatlamasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Säher ýatlamasy SÄHER ÝATLAMASY

Meniñ üçin şeýle giñdi bu dünýä,
Töwerek asuda, sowulmaz ýazdy.
Bol getiren obamyzyñ baglary,
Bilbilleñ sesinden tutuş owazdy.

Birdenem sen traktoryñ tarladyp,
Geçip gitdiñ öýümiziñ deñinden.
Meni görüp üýtgäp gitdiñ birhili,
Añdym ony çala ýylgyrýanyñdan.

Baglarda saýraýan bilbilleñ sesem
Indi meniñ gulagymda galanok.
Şindem aladañdan ýañ salyp giden
Traktoryñ «owazyndan» gananok.

Tagangül TAGANOWA. Goşgular